# TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

## Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler girizmek hakynda

I. Türkmenistanyň şu kanunçylyk namalaryna üýtgetmeleri girizmeli:

1. 2009-njy ýylyň 18-nji aprelinde Türkmenistanyň Kanuny bilen tassyklanylan Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 30-njy madda; 2010 ý., № 1, 6-njy madda, № 2, 34-nji madda; 2011 ý., № 1, 26-njy madda, № 4, 81-nji madda; 2012 ý., № 1, 12-nji madda; 2013 ý., № 2, 45-nji madda, № 3, 48-nji madda; 2014 ý., № 2, 76-njy madda, № 4, 129-njy we 151-nji maddalar; 2015 ý., № 1, 35-nji madda, № 3, 112-nji madda; 2016 ý., № 2, 101-nji madda; 2017 ý., № 1, 33-nji madda, № 3, 112-nji madda, № 4, 134-nji we 147-nji maddalar; 2018 ý., № 2, 48-nji madda; 2019 ý., № 1, 11-nji madda):

131-nji maddanyň ýedinji bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

«7. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna laýyklykda zähmet haky ýokarlandyrylanda ortaça zähmet hakyny hasaplamak üçin kabul edilip alynýan zähmet hakynyň zähmet hakynyň ýokarlandyrylmagyndan öňki döwre düşýän bölegi aýlyk zähmet hakynyň (tarif möçberiniň) ýokarlandyrylan derejesine indeksirlenilýär.

Zähmet hakynyň ýokarlandyrylmagyna çenli tölegli rugsada giden işgäriň rugsadynyň, onuň zähmet hakynyň ýokarlandyrylmagyndan soňky döwre düşýän günleri üçin töleginiň möçberi aýlyk zähmet hakynyň (tarif möçberiniň) ýokarlandyrylan derejesine indeksirlenilýär. Zähmet hakyny hasaplamagyň görkezilen tertibi işden çykylanda berilýän kömek puluny, öwez puluny, göwrelilik we çaga dogurmak hem-de wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puluny hasaplamak üçin hem ulanylýar.»;

321-nji maddanyň ikinji bölegine şu mazmunly sözlemi goşmaly: «Iş beriji tarapyndan, işiň aýratynlyklaryna görä, hünär synagy

görkezilen möhletden ýygy hem geçirilip bilner, ýöne ol ýylda bir gezekden köp bolup bilmez.».

II. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden herekete girizilýär.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat şäheri.*
*2019-njy ýylyň 5-nji oktýabry.*
*№ 186-VI.*